# Ýalan we Hakykat

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýalan we Hakykat ÝALAN WE HAKYKAT




XIX asyryñ bir rowaýatynda aýdylmagyna görä, günlerde bir gün Hakykat bilen Ýalan duşuşypdyr.
Ýalan: "Bu gün howanyñ gowudygyny!" diýip dogrusyny aýdýar. Hakykat oña seredip, gözlerini asmana dikýär. Howa dogrudanam açyk bolup, Gün nuruny bolluk bilen dökýärdi. Hakykat Ýalanyñ dogry sözlänine haýran galýar. Olar bir guýynyñ başyna gelýänçäler bile ýol ýöreýär. Ýalan ýolboýy diñe dogry zady aýdyp gelipdir. Ýalan: "Suwuñ ýyljakdygyny! Gel, suwa düşel-lei!" diýýär. Hakykat oña birhili ynanmazçylykly göz bilen seredip, suwa barmagyny batyryp görýär. Guýynyñ suwy dogrudanam ýyljakmyşyn. Hakykat oña ynanyp eşiklerini çykarýar we suwa girýär. Olar bile hezil edip suwa düşýärler. Ýalan birdenkä suwdan çykýar we Hakykatyñ eşiklerini geýýär-de, sumat bolýar.
Gahar-gazaba atlanan Hakykat guýudan çykýar we Ýalany tapyp, ondan eşiklerini yzyna almak üçin gitmedik-gözlemedik ýeri galmaýar.
Baran ýerinde-de ýalañaç aýlanyp ýören Hakykaty görenler oña ýüz bermeýärler we ýigrenç bilen seredýärler. Biçäre Hakykat suwa düşen guýusyna gaýdyp gelýär we ol ýere girip hemişelik gözden gaýyp bolýar.
Ine, şol wagtdan bärem Ýalan dünýäniñ çar künjünde Hakykatyñ eşiklerine bürenip, aramyzda agaýana ýaşap ýör. Dünýä bolsa her hili ýagdaýa düşse-de, ýalañaç galan Hakykaty görmek islänok…
Žan Leon ŽEROMyñ "Guýudan çykan Hakykat" eserinden.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar